# GADYMY ÄNEW MYHMANLARY GARŞYLAÝAR

Türkmen topragy tebigatyň läle-reýhana beslenip, göwünlerde egsilmez ylham, döredijilik hyjuwyny, ýaşaýşa telwasy oýarýan hoşnut günlerinde dostlukly ýurtlardan gadyrly myhmanlary gujak açyp garşylaýar. Gadymy Oguz ýaýlasynda asly, ynanjy, däp-dessurydyr medeniýeti bir bolan türki döwletlerden gelen myhmanlar, alymlardyr görnükli jemgyýetçilik işgärleri, sungat wekilleri jem bolup, toý döwresini guraýarlar. Şu gün — 26-njy martda Ahal welaýatynyň edara ediş merkezi Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi bilen bagly çärelere badalga bermek dabarasy geçirilýär.

**Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi**

Все права защищены